# «Nike» adam gany ulanylan «Şeýtan aýakgaplarynyñ» öndürijisine garşy beren şikaýatnamasynda utan tarap boldy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Nike" adam gany ulanylan "Şeýtan aýakgaplarynyñ" öndürijisine garşy beren şikaýatnamasynda utan tarap boldy «NIKE» ADAM GANY ULANYLAN «ŞEÝTAN AÝAKGAPLARYNYÑ» ÖNDÜRIJISINE GARŞY BEREN ŞIKAÝATNAMASYNDA UTAN TARAP BOLDY



Sport egin-eşiklerini öndürýän «Nike» kompaniýasy Nýu-Ýorkuñ Bruklin raýonyndaky «MSCHF» sungat kolleksiionerininñ üstünden düzüminde gyzyl syýa we bir damja hakyky adam gany bolan «Şeýtan aýakgaplary» atly jedelli dizaýnynyñ üstünden beren arzasy boýunça utan tarap boldy.
1.018 dollara satylan modifisirlenen «Nike Air Max 97» kysymly aýakgaplarda «Luke 10:18» ýazgysy bar. Aýakgabyñ ýüzünde ters haç we pentagram yşaraty-da bar.
«MSCHF» rep aýdymçysy Lil Nas X (Montero Lamar Hill) bilen ylalaşyp çykaran aýakgabyndan 666 jübütini satuwa çykarypdyr. Aýakgaplaryñ bir minutdanam az wagtyñ dowamynda satylandygy aýdylýar.
«MSCHF» 666 jübüt aýakgabyñ 665-sininñ müşderilere elin gowşurylandygyny mälim etdi.
Haryt markasy boýunça bozulandygyny öñe sürüp, Nýu-Ýorkuñ

federal suduna ýüz tutan «Nike» kompaniýasy «MSCHF»-niň satuwy togtatmagyny talap edýär.
«MSCHF»-niň adwokatlary bolsa öndürilen 666 jübüt aýakgabyň «hemişeki sport aýakgaplary däl, talapgärleriň tabşyrygy boýunça ýörite çykarylan sungat eserleridigini» aýtdy.
Federal sudýa sud prosesiniň dowamynda «Nike»-niň dawasynyň dogrudygyny öňe sürdi we birinji tapgyrda sungat kollektiwine gadagançylyk girizme barada karar çykardy.
Emma birinji öndüren 666 jübütinden başga aýakgap çykarmajagyny mälim eden «MSCHF»-niň ygtyýarlylary bu kararyň näme many aňladýandygyna heniz doly düşünmeýändiklerini aýdýarlar.
Gyzyl-gara reňkli aýakgaplar Lil Nas X-iň täze «Montero» aýdymy bilen birlikde muşdaklaryna hödürlendi.
YouTube-de paýlaşylan klipde gürrüňi gidýän aýakgaplary geýen Lil Nas X jennetden dowzaha striptizçi sütüninden aşak kelemenläp gaýdýarka janlandyrylýar. Lil Nas X 2019-njy ýylda özüniň geýdigini mälim edipdi. Bu kartinanyň-da aýdymçynyň öz «gomoseksuallygyny gutlaýandygy we aýyplamalary ret edýändigi» nygtalýar.
Aýakgabyň her taýyndaky «Nike Air» ýörite zolagynda 60 santimetr kub gyzyl syýa we sungat kollektiwiniň bagyşlan bir damja gany bar.
«Nike» kompaniýasy Nýu-Ýorkdaky suda beren şikaýatnamasynda aýakgaplaryň adynyň «Şeýtan aýakgaby» diýlip üýtgedilmegine idin bermändigini öňe sürdi.



Tennesi ştatyndan Ýozef Raş hem şol aýakgapdan 1.080 dollara satyn alanlaryň biri. Ol «Bu jedelli dawanyň soňunda tölän pulum köýer öýdüp gorkýan. Eýýäm puluny tölän aýakgabym elime gelip gowşar diýip umyt edýärin» diýdi.
«BBC» habarlar agentliginiň «OS» radiosyna interwýu beren Raş aýakgaplary ýörite geýmek üçin däl-de, syýasy signal hökmünde satyn alandygyny aýtdy:

«Aglaba köpçüligi hristian bolan we garaýagyzlara garşy problemalar bilen gidişýän ýurtda beýlekilerden üýtgeşik durmuş ýoly bolan garaýagyz we gomoseksualist adamy goldamak isledim.»
Günorta Karolina ştatyndan MakKenzi Norris-de «MSCHF»-ni uzak wagt bäri yzarlap gelýändigini, 1.080 dollara satyn alan aýakgaplaryny 2.500 dollara satmagy meýilleşdirýändigini aýtdy.
Emma dawanyň netijesi onuň bu etsem-petsemini bozupdyr:
«Umuman alanda «Nike»-niň şikaýatnamasyny we onuň bular ýaly zada goşulmagyny ýerliksiz hasaplaýan. Çünki beýle hereket biziň ýaly harytlaryny kanuny ýollar arkaly satmak isleýän adamlara uly zyýan ýetirip biler.»
02.04.2021 ý.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar